# Sallahlyk durmuşy bilen hoşlaşma

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Sallahlyk durmuşy bilen hoşlaşma SALLAHLYK DURMUŞY BILEN HOŞLAŞMA

Hoş, meni bagyşla, köneje dostum,
Sallahlyk durmuşy, hoş gal sen indi.
Bileje geçirdik ýigrim bäş ýyly,
Heý, hoşlaşman giderinmi men indi!

Wepaly hemdemim meniň ýanymdan
Baky gidýär diýip, ýüzüňi çytma.
Ýaşlygmy seň bilen deňje paýlaşdym,
Kämillik ýaşyma eliňi gatma!

Oýnap-oýnap göwün solpudan çykdyň,
Ýadadym, wagt ýetdi, göwräm dynç alsyn.
Ezizimiň eli düşegim bolup,
Onuň ýumşak göwsi ýassygym bolsun.

Ýaş dostlarym maňa sataşan wagty,
Gülki bilen seredýärler ýüzüme.
Halyma gynanyp geçip gidýärler,
Meňzeş diýip ýetişmedik üzüme.

Dogrudan-da, bolup ýörşüm gözgyny,
Muny men özüm hem oňat duýýaryn.
Şol ýürek bulanjy meýhana indi
Agşamlarna gatnamamy goýýaryn.

Söýmeli men ýalňyz meni söýýäni
Dünýäniň ýüzünde birje syrdaşy,
Emma ol meýhanaň jelepleriniň
Her haýsynyň bar müňlerçe oýnaşy.

Alla ýaryň bolsun, sallah durmuşy,
Gaharlanyp öýkeleme sen menden.
Ertir men ýeňsämi görkezjek saňa,
Bokurdagma çenli doýgun men senden.

Baýdagyňy äkit başga ýerlere,
Oňa indi täze esgerler gerek.
Ala baýdagyňy aga çalşyrdym,
Aýalymyň ak ýaglygy ol baýdak.

Şandor PETÝOFI,
wenger şahyry.

Terjime eden: Kerim GURBANNEPESOW Goşgular